# Parahatçylygyň nyşany (hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 17 апреля, 2025



Indi birnäçe ýyl bäri öz saýlan kärine yhlas bilen ýapyşyp, işläp ýören Dünýägözeliň bu günki sapaga taýýarlanyşy üýtgeşikdi. Ol mekdebiň gapysyndan girip, synp otagyna tarap howlukmaç barýardy. Synp otagyna giren dessine içinde oturan oglan-gyzlaryň şadyýanja balkyldaýan gözlerine bakanda özüniň saýlan kärine bolan guwanç duýgusy has-da beýgeldi.

Mugallym:

– Salam, okuwçylar! – diýerine garaşyp dik duran okuwçylar «Salam, ýoldaş mugallym!» diýişdiler. Başlaryny atyp, öz orunlarynda oturdylar. Dünýägözel bu sözleri hiç zat bilen çalşyp bolmaz diýip pikirlenip, olary günde-günaşa eşidýändigine diýseň begenýärdi. Dünýägözel mugallym synp tagtasyna bu günki aýy, güni, temanyň adyny uly buýsanç bilen ýazdy.

10-njy dekabr.

Kepderiniň suratyny çekmek.

Soňra bolsa öňünden ak kendiriň ýüzüne çekip taýynlap goýan akja kepderiniň suratyny synp tagtasynyň ýüzüne asdy. Kendiriň ýüzüne çekilen akja kepderi, ynha häzir, janlanyp uçup gidäýjek ýalydy. Kendiriň ýokarsynda mawy asmanda ýalpyldap çykyp duran Gün, aşagynda bolsa ýaşyl reňke boýalan maýsalar hem parahatlyk mekanynda ganatyny ýaýan ak kepderä özboluşlylyk çaýýardylar. Bu bolsa Dünýägözeliň diňe bir mugallymçylyk kärine yhlas bilen ýapyşman, eýsem, nakgaşlyk sungatyndan hem başy çykýandygyndan, ökde suratkeşliginden hem habar berýärdi.

Dünýägözel mugallym Türkmenistanyň döwlet çeperçilik akademiýasyny tamamlap, öýlerine dolanyp gelenden soň, ol diňe bir öz obalarynda däl, eýsem, tutuş etrapda hem ökde suratkeş, ökde mugallym hökmünde tanalyp başlapdy.

Okuwçylaryň synp tagtasynda asylgy duran suratdan gözlerini aýryp bilmän synlap oturyşlaryny görüp duran Dünýägözel:

– Geliň, ilki bilen bu surat hakynda gürrüň edeliň! – diýdi.

– Kendiriň ýüzünde nämäniň suraty şekillendirilen?

Okuwçylaryň hemmesi ellerini ýokaryk galdyryp, aýtmaga häzirlendiler. Mugallym olary gezekli-gezegine oturan ýerlerinden turzup, öz pikirlerini aýtmaklaryny haýyş etdi.

– Bu ýerde kepderiniň suraty çekilen.

– Akja kepderiniň suraty bar – diýip, başga bir okuwçy jogap berdi.

Ahmet Çaryýew hem elini galdyryp:

– Parahatçylygyň nyşany şekillendirilipdir ol ýerde – diýip, gyssanmaç jogap berdi.

– Berekella, okuwçylar, berekella! Bu parahatçylygyň nyşany bo-

lan akja kepderiniň suraty. Halkymyzda «Ak zat alnyňa ýagşy» diýen çuň manyly jümle bar. Ak bagt bolup, asuda asmanymyzda erkana ganat ýaýýan ak kepderiler halkymyzyň rahat durmuşda parahat ömür sürýändigininiň mynasyp buşlukçylarydyr.

– Geliň, indi parahatçylyk hakynda gürrüň edeliň.

Parahatçylyk – munuň özi agzybirlik. Biziň ýurdumyz agzybirligiň, parahatçylygyň mekany. Türkmen halky hormatly Prezidentimiziň saýasynda parahat ýurtda asuda asmanyň astynda agzybir ýaşaýar. Eziz Watanymyz gün-günden gülleýär, ösýär. Halkymyzyň hoşniýetli häsiýetleriniň biri-de agzybirlik, parahatçylygy söýmek, adamlaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklardyr.

Soňra Dünýägözel mugallym «Paýhas çeşmesi» kitabyndan parahatçylyga, agzybirlige degişli birnäçe nakyllary okap berdi: «Agzybire Taňry biýr, agzalany gaňrybiýr», «Agzybiriň aşy bir», «Agzybirlik aş getirer, agzalalyk – kaş», «Kömekleşen ýow basar», «Söýenişen – ýykylmaz», «El eli ýuwar, iki el birigip – ýüzi», «Dostlukda menzil bolmaz», «Dostsuz başym, duzsuz aşym», «Dost – dostuň aýnasy» ýaly atalarymyzyň paýhasynda ynsan gatnaşyklarynda agzybirligiň hem-de dostlugyň zerurdygy nygtalýar – diýip, elindäki kitaby ýapyp, okuwçylara ýüzlendi.

– Parahatçylyga, agzybirlige degişli kim näme aýtjak?

Aýjan:

– Meniň Dünýä, Dursun, Parahat atly üçem jigim bar – diýdi.

– Meniň Parahat atly daýym bar – diýip, Selbi jogap berdi.

– Biz Parahat etrapçasynda ýaşaýarys – diýip Didar jogap berdi. Mergen:

– Biziň köçämiziň ady – Agzybirlik – diýdi.

– Biz bolsa Bitaraplyk binasynyň golaýynda ýaşaýarys – diýip, Enejan hem ýerinden turup aýtdy.

– Meniň adym Parahat.

– Meniň mamamyň ady Abadan – diýip, Gülaýym hem goşuldy.

– Biz düýn ejem bilen «Abadançylyk» binasyna gezelenje gitdik. Onuň depesindäki asmana ganat ýaýyp duran ak kepderileri, daş-töwereginiň owadan gülleridir agaçlaryny synlap hezil etdik – diýip, Ahmet uly höwes bilen aýtdy.

– Baky Bitaraplygymyz – baky bagtymyz, parahatlyk – türkmeniň ýoly diýip, synpyň iň ökde okuwçylarynyň biri Aýgözel buýsanç bilen jogap berdi.

Okuwçylaryň aýdan biri-birinden gowy jogaplaryna begenip duran Dünýägözel mugallym:

– Görüň, çagalar, biziň daş-töweregimiz durşuna parahatçylyk, parahatçylyk, parahatçylyk. Bu nähili oňat!

Ogulnur GELDIMYRADOWA